# Gara başym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Gara başym GARA BAŞYM

Ömrüň ýetmişi ötüpdir,
Gözleriň nury öçükdir.
Ýigrim bäş indi uzakda,
Seri elmydam göçükdir.

Namart bolmasa nämüçin,
Ýat ýere eýläpdir göçün.
Alýan ýaly menden öjün,
Edýän oýny ne birehim.

Daglarymy daş eýledi,
Erem bagym gyş eýledi.
Öwsüp gelip, goş eýledi,
Törümizde otyr wehim.

Başardypdyr galmak kime,
Garyljagyň belli guma.
Haýry degmez, batma gama,
Eşidilmez munda ahyň.

Allaýar ÇÜRIÝEW. Goşgular